**Ähli ynsanlar dünýä inende özlerine mahsus zehin — aýratynlyk bilen dogulýarlar. Zehinlerini ýüze çykaryp bilenler beýlekilerden tapawutlanyp başlaýarlar. Akylly adamlar ýüze çykan ähli meselelere, kynçylyklara aňsatlyk bilen çözgüt tapýan adamlardyr. Olar çuňňur düşünjeleri we ýiti zehinleri bilen tanalýarlar. Olaryň tapawutly aýratynlyklary näme ? Biz olardan nämeleri öwrenip bileris?**

## Öwrenmäge hemişe taýýardyrlar

Akylly adamlar döredijilikleri bilen has köp tanalýar. Bilesigeliji bolandyklary üçin gürrüňe has içgin aralaşýarlar. Her bir işe çuň düşünmäge çalşyp, ondan bir many almak isleýärler. Olaryň beýleki adamlara garanyňda artykmaç taraplary özleriniň kemçiliklerini köp diýip hasaplaýanlygydyr. Olarda enjamlaryň nähili işleýändigi, tapawutly medeniýetler, azyk önümleriniň düzümi, taryh hakyndaky we töweregindäki adamlar baradaky täze zatlary öwrenmek üçin her pursady peýdalanmak, hemişe gözlegde bolmak häsiýeti bar. Şeýle- de, olar 24 sagadyň 7 sagadyny täze maglumatlara eýe bolmak we başarnyklaryny ösdürmek üçin harçlaýarlar.

## Gowy synçydyrlar

Olaryň garaýyşlary we düşünjeleri diýseň anykdyr. Akylly adamlaryň hemmesi bir zada seredip nämäni görmek isleýän bolsa, anyk görüp bilýär. Şol ýerdäki ähli aýratynlyklary we ýetmezçiligi tiz duýýarlar. Düşünmek endiginiň ösendigi üçin bir-birine meňzeýän iki obýektdäki tapawutly taraplary-da çalt tapyp bilýärler. Eger ünsüni başga zatlara gönükdirmedik bolsalar, bu adamlar hiç bir zat babatda düşünişmezlige duçar bolmazlar. Olarda netije çykarmak we çak etmek häsiýetleri ösen. Köp gürlemegiň deregine olar öwrenmek üçin sowal bermäge meýillidirler.

## Şowsuzlykdan gorkmazlar

Bir zady has içgin öwrenmegiň ýoly diňe synap görmek we gözegçilik bilen aýdyňlaşýar. Tomas Edison elektrik lampasyny ýakmak üçin 2000-e ýakyn dürli maddalarda tejribe geçirip görüpdir. Emma ol hiç hili netije bermändir. Onuň şägirtleriniň biri 700 synanyşygyň hem şowsuz geçendigini aýdanda, Edison oňa: «Ýok, bu başaryp bilmezlik däl! Biz gerek bolmadyk 700 zady öwrendik!» diýip jogap berýär. Diýmek, ýalňyşlar adamy güýçli edýär we oňa sapak bolýar.

## Asla ruhdan düşmezler

Zehinsizlikden gorkmak, maksadyňdan dänmegiňe getirip biler. Şeýle günlerde biz täze

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024

zatlary ýerine ýetirmekde uçran şowsuzlygymyz zerarly maksadymyzdan dänýäris. Bir zady başaryp bilmesek, name üçin çalt ruhdan düşýäris? Wagty yzyna gaýtaryp, entek çagajykkak ýöremegi öwrenen pursadymyzy hakydamyzda janlandyralyň! Bu kämilleşmegiň dowamynda näçe gezek ýykylyp- sürüşdük?! Takmynan ýüzlerçe gezek. Eger şol wagt hem, maksadymyzdan dänen bolsak name bolardy? Öwrenmek köp wagty talap edýär, zehinli adamlar maksadyna ýetmek üçin ýüze çykan päsgelçiliklere köp üns bermeýärler. Olar maksadynyň hasyl boljagyna ynanyp, soňuna çenli dowam edýärler.

**Akylly adamlar bilen söhbetdeş bolarlar**

Olar wagtlaryny zerur jedellere we zehinli adamlar bilen söhbetdeş bolmaga harçlaýarlar. Olaryň başarnyklarynyň özeninde söhbet gurap bilmek ukyplary ýatyr. Siziň pikiriňizçe, has gowy gürleşip bilýän, öz diýenleri bilen töweregindäkileri ylalaşdyryp bilýän, sagdyn we berk gatnaşyklary döretmäge werziş bolan, söhbetdeşligiň esasynda gazanan ukyplaryny kyn pursatlarda peýdalanyp bilýän ynsan başarnyksyz we bagtsyz adam bolup bilermi? Dünýäniň özi uly aragatnaşyk tory we şol torda bize ylhamlandyryjy, peýdaly, manyly sowallary berýän adamlar gerek. Töweregimizde mugallymymyz, akylly dostumyz bolan wagty öwrenip bilijilik ukybymyz beýleki wagtdakylara seredende has beýikdir.

**Täze pikirlere teşnedirler**

Has gowy öwrenip bilmek üçin beýnimiziň diňlemäge we okamaga ätiýajy bardyr. Kiçijik çagajygyň dünýäni nähili açyşyna syn ediň. Her bir zada gyzyklanma bilen sereder, ähli bölekleri bir ýere getirmäge çalşar we ondan lezzet alar. Akylly adamlar bilesigeliji häsiýete eýe bolup, islendik wagt özüni kämilleşdirmäge itergi berjek täsin pikirleri öwrenmäge taýýardyrlar.

**Pespäl adamlardyr**

Olar, adatça, dymmagy saýlarlar. Eýe bolan bilim we ukyplaryny başgalara täsir etmek üçin däl-de, şeýle etmek isleýän adamlary ýeňmek üçin peýdalanýarlar. Bilmeýan zatlaryny bilýän ýaly görkezmäge çalyşmazlar. «Bilmeýärin» diýen jogaby nagt bererler. Olar hemişe rahat we işjeň adamlar hasaplanýarlar.

**Ogulnäzik BOZAGANOWA**
**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены